# Ýusup




Ýakubyň Rahelden bolan ogly Ýusup doganlary bilen bile sürini bakandan soň öz doganlary hakda kakasyna erbet gürrüňleri gelip aýdýardy.
Ýakup ýigide dürli reňkli gymmat geýim alyp berdi, sebäbi Ýusup onuň garrylygynda bolan ogludy.
Sered-ä, sen muny gördüňmi? Ol hatda üýtgeşik geýimem alypdyr.
Indi kimiň kakamyň iň gowy görýän ogludygyna şübhe ýok.
Waý, bagyşlaweri, beýle açyk reňkli geýimde men seni görmelidim ähyry.
Kakamyň kiçijik oguljygy temmä mätäç.
Ýöne Hudaý Ýusuba düýş berdi.
Gelip çykyş 37:1-5


«Men düýş gördüm, düýşümde biz bugdaý desselerini bogduk. Birden meniň dessäm dik durdy, siziňki bolsa, meniňkä baş egdiler».
Ýagny sen bize buýruk berip biljegiňi kakdyryp aýdýarsyňmy?
Sen näme bize höküm edersiň öýdýärsiňmi?
Biz işleýärkäk sen diňe ýatýarsyň.
Gulak as, men başga bir düýş gördüm, men ony size gürrüň bermeli.
«Bu gezek Gün, Aý we on bir ýyldyz maňa tagzym etdiler».
Gelip çykyş 37:6-11
Ejeň, men we doganlaryň, dogrudanam, baryp, saňa baş egerismi?
Biz eýýäm kakaňa aýtdyk – sen diňe düýş görýärsiň, emma hiç hili iş etmeýärsiň.
Doganlary göripçilikden ony itekleýän bolsalar-da, Ýakup munuň nämäni aňlatmagynyň mümkindigi hakda pikirlendi.


Doganlaryň Şekemiň golaýynda sürülerimizi bakyp ýörler. Git-de, görüp gel, hemme zatlary ýerbe-ýermi?
Oho, ine-de, arzuwçy geldi.
Dürli reňkli tawus guşuň hut özi.
Bu biziň mümkinçiligimizdir, geliň, häzir ony öldüreliň-de, ondan dynalyň. Kakam hiç haçanam muny bilmez.
Ýok, ony öldürmek gerek däl. Ony diňe şu guýa taşlarys.
Sebäbi Ruben soňrak gelip, ýigidi çykarmagy niýet edinipdi.
Eý, ony yzyna çykaryň! Inimizi öldürenimiziň bize näme peýdasy bar?
Geliň, ony ysmaýyllara satalyň!
Gelip çykyş 37:12-27


Gul üçin bazar baha ýigrimi kümüş teňňe.
Ol doly siziňki, biz ony indi hiç haçan görmesek bolýar!
Hoş gal, arzuwçy!
Goý, indi seniň arzuwlaryň amala aşsyn!
Ha-ha-ha!
Ýahuda, oglan nirede?
Sen görmän galdyň. Biz ol ýüregedüşgünç çagany satdyk!
Ine, meýilnama…
Biz, ine, şuny tapdyk. Gör, bu Ýusubyňky dälmi?
Aaaa! Meniň oglumyň geými! Wagşy haýwan ony parçalapdyr.
Sende entek köp nesillerden miras bar.
Ýok! Men gabra hasrat bilen girerin.
Gelip çykyş 37:28-35


Midýanlylar Ýusuby baý müsürli Potypara satdylar. Ol janpenalaryň başlygydy.
Ýusup onuň öýünde işläp başlandan soň, Potypar has-da üstünlikli adam boldy.
Ol Ýusuby özüniň bütin hojalygyny dolandyrmaklyga goýanda, ol has-da gülläp ösdi.
Mmm...
Ýaş ýigit, ýör, meniň bilen ýat. Sen muny hiç haçan ýatdan çykarmarsyň.
Seniň adamyň maňa bütin emlägini dolandyrmagy ynandy, men nädip Hudaýyň öňünde beýle ahlaksyz işi edip bilerin?
Her gün aýal Ýusuby yzarlady ýördi, emme ol, hatda aýalyň ýanynda bolmakdanam ýüz öwürdi.
Gelip çykyş 37:36 – 39:1-10


Bir gün öýde hyzmatkärleriň ýekejesi-de ýokka, aýal öz mümkinçiligini gördi…
Häzir biz söýgi teşneligimizi gandyryp bileris! Ýör, meniň bilen düşege.
Kömek ediň! Kömek ediň!
Seniň alyp gelen ýewreýiň meniň namysyma degjek bolup geldi – men kömege çagyranymda bolsa, ol gaçyp gitdi, ýöne men onuň geýmini alyp galyp bildim.
Ol diňe bir ýerde bolmaga mynasypdyr – ony patyşa zyndanyna taşlaň.
Haýal etmän!
Gelip çykyş 39:11-20


Ýöne hatda zyndanda-da Hudaý Ýusup bilen boldy.
Sen özüňe ýöňkelen aýyplama bilen bu ýere geleniňe ynanamok. Sen mätäçleriň hemmesiniň aladasyny edýärsiň, naharyň hemmelere deň paýlanmagyna esewan bolýarsyň, ýöne özüňe artyk almaýarsyň.
Men seni bütin patyşa zyndanynyň dolandyryjysy edip belleýärin. Indi sen diňe meniň öňümde hasabat berersiň.
Hudaý Ýusuba baran ýerleriniň hemmesinde üstünlik berdi.
Gelip çykyş 39:20-23


Faraon baş sakysy bilen baş nan bişirijisine gödekligi üçin gaharlandy-da, olary zyndana saldy.
Sen bu çüýrük deşikde nädip çydap ýörsüň?
Men nirede bolsamam, göwnühoş bolmagy öwrendim. Bu Hudaýyň maňa öwreden zady.
Nähili Hudaý? Ol nähili bolsa-da, bu ýerde bolýanlaryň hemmesini unutdy.
Mmmm!
Aaaaaa!
Näme üçin siz beýle gaýgyly?
Biziň ikimizem düýş gördük. Bu ýerde olary ýorar ýaly, patyşa münecjimleriniň ýekejesem ýok.
Ýorgut Hudaýdan dälmidir? Düýşüňizi gürrüň beriň.
Gelip çykyş 40:1-8.


Men üç şahaly üzüm agajyny gördüm. Men faraonyň käsesine üzümi sykdym-da, käsäni faraonyň eline berdim.
Üç şaha – bu üç gün. Üç günden soň faraon seniň başyňy beýgeldip, gullugyňa gaýtaryp alýar.
Ýöne faraonyň öňünde meni ýatlagyn, sebäbi men bu ýere ýewreýleriň ýurdundan güýç bilen getirildim we zyndanda-da, adalatsyz aýyplama üçin otyryn.
Men düýşümde kellämiň üstünde üç sany çörekli sebedi alyp barýardym.
Sebetleriň iň üstküsinde faraon üçin undan bişirilen dürli nygmatlar barmyş, olary guşlar sebetden çokup iýýärler.
Üç sebet hem üç gündür.
Üç günden soň faraon seniň kelläňi çykaryp, dardan asar, guşlaram gelip, etiňi çokup iýerler.
Ýusubyň ýorgudy ýerine ýetdi – ýöne baş saky gullugyna gaýdyp baransoň Ýusuby ýatdan çykardy.
Gelip çykyş 40:9-23



Iki ýyl geçenden soň.
Jadygöýleriň we akyldarlaryň hemmesini häziriň özünde meniň ýanyma alyp geliň!
Öten agşam men iki düýş gördüm – olary maňa ýorup beriň.
Men düýşümde ýedi semiz hem sagdyn sygyr gördüm, olar derýanyň gyrasyndaky gamyşlaryň içinde otlap ýördi...
… ýöne soň ýedi sany ýigrenji hem hor sygyr çykyp, ýedi sagdyn sygyry iýdiler.
Soň men oýandym.
Gelip çykyş 41:1-4, 8


Şeýle hem, men ikinji düýşi gördüm.
Bir baldakda ýedi sany sagdyn däne sümmüli ösüp otyr...
... soň bolsa gündogar ýeline guran ýedi sany puç däne sümmüli peýda bolýar-da, ýedi sagdyn sümmüli ýuwudýar.
Beýik faraon, seniň düýşleriň ýorgudyny hijimiz bilemzok.
Olar bize açylmady.
Ýöne hakykaty --
Olary kimdir biri ýorup bilýän bolmaly, ýogsam, olary maňa hudaýlar bermezdi!
Bu gün men öz günämi ýatlaýaryn!
Men zyndandakam, ýaş ýewreý meniň we çörek bişirijiniň düýşümizi ýordy – ýorgutlarynyň ikisem dogry çykdy.
Onda ony meniň ýanyma alyp geliň!
Gelip çykyş 41:5:13


Maňa seniň düýş ýorup bilýändigiňi aýtdylar.
Men başarmaýaryn, ýöne Hudaý faraona özüniň bilmek isleýän jogabyny berer.
Faraonyň düýşleri şol bir zatlar – Hudaý saňa meýilleşdirýän zatlaryny görkezdipdir.
Ýedi sagdyn sygyr ýedi bolçulyk ýylydyr, ýedi hor sygyr bolsa, bu onuň yzyndan geljek ýedi açlyk ýyldyr. Ýedi sümmülli düýşem şeýledir.
Şol açlyk sebäpli Müsüriň bütin abadançylygy unudylar we ýer boşap galar.
Bütin Müsür ýurduna gözegçilik eder ýaly paýhasly hem akylly adamy belle.
Bütin ýurtda indiki ýedi ýylyň hasylynyň bäşden bir bölegini ýygnar ýaly wekilleri belle.
Gelip çykyş 41:14-34


Halk geljek açlykdan çykyp biler ýaly, şol dänäni indiki ýedi ýylyň dowamynda aýawly sakla.
Biz hudaýlaryň ruhy bolan munuň ýaly adamy başga nireden taparys?
Muny Hudaýyň saňa açandygy sebäpli, hiç kim senden paýhasly hem pähimli däldir.
Seniň adyň Sopnat-Pagnyýa bolar we Müsüriň tutuş halky seniň tabynlygyňda bolar.
Gelip çykyş 41:35-39


Men diňe şa tagtynda senden beýik bolaryn.
Indi bütin Müsür ýurdy üçin sen jogap berersiň.
Ýol beriň!
Ýusup ýedi bolçulyk ýylynda galla hasylyny ýygnamagyň we aýawly saklamagyň aladasyny etdi.
Faraon, şeýle hem, Ýusuby müsürli gyza öýerdi.
Ýusup öz ogullaryna Manaşe – («unutdym») we Efraýym (“iki esse hasylly») diýip at dakdy.
Hudaý meni görgi gören ýurdumda hasylly etdi.
Gelip çykyş 41:40-52


Biziň sebitlerimizdäki halk açlyk çekýär. Hatda serhetlerimizden aňyrlarda-da galla ýok.
Ýusup gallanyň döwlet ammarlaryny dolandyrýar – ol çözgüt çykarýar.


Ahyrsoňy, bugdaý!
Indi meniň maşgalam açlyk çekmän ýaşap biler.
Her maşgala diňe iki halta.


Ýusup müsürlilere, şeýle hem, töwerekdäki ýurtlara bugdaý satdy, sebäbi ähli ýurtlarda ýowuz açlykdy.
Gelip çykyş 41:53–57


Siz näme hiç zat etmän biri-biriňize seredip dursuňyz?
Müsürde gallanyň bardygy gulagyma degdi. Açlykdan ölmezimiz ýaly, gidiň-de, birazajyk satyn alyp geliň.
Siz onyňyz, gidiň-de, Müsürden galla satyn alyp geliň.
Ýolda bir zat bolmaz ýaly, Benýamin meniň ýanymda galýar.
Bu hatda meniň pikir edişimden-de ullakan.
Olaryň galla ammarlary-da şeýle uly bolsun-da.
Jenap, bize Kengan ýurdundan ýewreýleriň bir topary galla satyn almaga gelipdirler.
Ýöne olarda altyn ýa-da kümüş bar bolsa, onda biz olara hyzmat edip bileris.
Gelip çykyş 42:1-7


Siz nireden?
Biz Kengandan galla satyn almaga geldik.
Siz içalylar, biziň ýurdumyzyň gowşak ýerlerini görmek üçin gelipsiňiz.
Ýok, biz dogruçyl adamlar, hiç haçan içaly bolmandyk.
Ýusup bolsa, öz düýşlerini ýada saldy.
Ýok, siz biziň ýurdumyzy barlamaga gelipsiňiz.
Ýok, biz on iki dogan, bir atanyň ogullary.
Birimiz eýýäm diri däl, kiçimiz bolsa, kakamyz bilen galdy.
Siz içalylar. Ine, men sizi nädip barlaýaryn.
Kiçi doganyňyz şu ýere gelýänçä, siz Müsürden gitmersiňiz. Hemmäňiziň ýeriňize biriňiz gidersiňiz, galanlaryňyz zyndanda galarsyňyz.
Olary gözegeniň aňyrsyna salyň!
Gelip çykyş 42:6-17



Üç gün geçenden soň…
Eger siz şuny etseňiz, onda diri galarsyňyz, sebäbi men Hudaýdan gorkýaryn.
Eger siz dogrudanam dogruçyl adamlar bolsaňyz, onda biriňiz galýarsyňyz, galanlaryňyz öýüňize gaýdyp gidýärsiňiz.
Ýöne siz sözüňizi tassyklamak üçin kiçi jigiňizi alyp gelmelisiňiz.
Biz öz doganymyza eden zadymyz üçin şeýle gynanýarys.
Onuň nähili çykgynsyzlyga düşenini we jany üçin nähili ýalbaranyny hemmämizem gördük.
Şol sebäpdenem, bize şeýle zatlar edilýär.
Men size oglana garşy günä etmeli däldigini aýtdym, emma siz maňa gulak asmadyňyz!
Indi bolsa, onuň gany üçin hemmämiz jogap berýäris.
Doganlary onuň özlerine düşünýändir diýip pikirem etmediler, sebäbi ol terjimeçini ulanypdy. Ýusup olaryň sözlerine tolgundy.
Gelip çykyş 42:18-24




Gelip çykyş 42:25-28




Gelip çykyş 42:29-38



Aýlar geçdi…
Jenap, biz bu gün soňky çöregi bişirdik. Seniň ogullaryň Müsürden getiren bugdaýy gutardy.
Size yzyňyza gidip, ýene galla alyp gelmek gerek.
Biz gidip bilmeýäris. Eger kiçi inimiz ýanymyzda bolmasa, onda biziň ol ýurduň häkimini görüp bilmejekdigimizi duýdurdylar.
Siz näme üçin ol adama ýene bir iniňiziň bardygyny aýtmak bilen meni beýle agyr güne salýarsyňyz?
Ol bizi sorag etdi.
Biziň bilen oglany iber, onuň üçin özüm jogap berjek. Eger bir zat bolsa, ömrümiň ahyryna çenli günäkär bolaryn.
Eger eglenmedik bolsak, onda eýýäm iki gezek baryp gelerdik.
Ine, näme ediň: biziň ýurdumyzyň iň gowy sowgatlaryndan alyň-da, ol adama kümşüň iki esse tölegini beriň.
Iniňizi-de alyň. Eger men çagasyz bolmaly bolsam,... çagasyz galybereýin.
Gelip çykyş 43:1-14



Sopnat-Pagnyýa sizi günortan kabul eder.
Ol siziň üçin nahar taýýarlady.
Ol bizi bu ýere ogurlanan kümüş üçin getirdi.
Ýa-da Ýusuby satanymyz üçin Hudaý bizden öç alýar…
Baş üstüne, jenap, biz geçen gezek bu ýere gelenimizde, haltamyzdan kümüşlerimizi tapdyk.
Munuň nädip beýle bolanyny bilmedik, şonuň üçin bu gezek iki esse getirdik.
Gaýgy etmäň, size Hudaýyňyz hazyna berdi.
Ine, siziň iniňiz.
Ine, siziň iniňiz.
Indi naharyň öň ýanynda aýaklaryňyzy ýuwuň. Biz bolsa, eşekleriňizi ýataga salarys.
Gelip çykyş 43:15-25


Gürrüňini eden garryja kakaňyz, özüni nähili duýýar?
Siziň guluňyz kakamyz diri hem sagdyn.
Bu siziň kiçi iniňizmi?
Goý, Hudaý saňa ýagşylyk etsin, oglum.
Ýusup özüni saklap bilmedi-de, daşary çykdy…
… we öz otagynda aglady.
Gelip çykyş 43:25-30


Saçagy taýýarlaň.
Adatça müsürlilerde ýewreýler bilen saçak başynda bile oturylmaýardy.
Doganlar ýaşlaryna görä saçak başynda oturdandyklaryny haýran galma bilen gördüler.
Seret, Benýaminiň nahary biziňkiden bäş esse köp.
Gelip çykyş 43:31-34


Haltalary agzyna çenli dolduryň we pullaryny-da şol ýere goýuň.
Iň kiçisiniň haltasyna bolsa, meniň kümüş käsämi salyň.
Men öýe gaýdyp gitmäge taýýar.
Men bu aýlaryň dowamynda zyndanda oturdym!
Näme…
Siz näme etdiňiz?
Siz jenabymyň käsesini ogurladyňyz, ol onda pal atýar.
Beýle zat bolup bilmez!
Ol bize nämä gerek? Biz hatda haltalarymyzdan tapan kümşümizem gaýtaryp berdik.
Gelip çykyş 44:1-8


Eger käse haýsymyzyň haltamyzdan tapylsa, ony alan adam ölüme berler, galanlarymyz seniň gullaryň bolarys.
Haltalary barlaň.
Kiçisiniň haltasy galdy.
Gowuja gözläň.
Jyk...
Jyk...
Siz jenabymyz Sopnat-Pagnyýanyň zadyny ogurladyňyz. Häzir siz onuň öňüne bararsyňyz.
Siz sahylyga aldaw bilen jogap berdiňiz.
Bolup bilmez… Kakamyz muňa döz gelmez.
Gelip çykyş 44:9-13


Siz näme etdiňiz? Pal atyp, hemme zady bilip biljekdigimi bilmeýärdiňizmi?
Biz näme jogap bereli? Günäsizligimizi nädip subut edeli?
Sen faraon bilen deň bolsaň-da, rehim et-de, bizi diňle.
Sen bizden kakamyz we inimiz hakda soradyň.
Biz kakamyzyň we onuň garrylykda doglan ýene bir oglunyň bardygyny aýtdyk.
Onuň dogany öldi-de, ol ejesinden ýeke galdy, kakamyz ony örän gowy görýär.
Sen bize inimizi alman gelmeli däldigimizi aýtdyň.
Gallamyz gutaranynda, kakamyz bize şeýle diýdi...
Aýalym maňa iki ogul dogrup berdi. Biri ýitdi, ol anyk paralandy, şondan bäri men ony görmedim.
Eger bu oglumam bela uçrasa, meniň çal kelläm hasrat bilen gabra girer.
Seniň guluň oglanyň howpsuzlygyna kepil geçdi.
Meniň guluň bolup galmagyma rugsat et, oglan bolsa, kakasynyň ýanyna gitsin. Men kakamyň ogluny ýitireni sebäpli çekjek görgüsine döz gelip bilmerin.
Gelip çykyş 44:14-34


Hemmäňiz ýanymdan gidiň!
Uaaauaaa!!!
Men siziň doganyňyz Ýusup…
… ine, siz gulçulyga kimi satdyňyz.
Bolup bilmez.
N-ä-m-e?
Gelip çykyş 45:1-4


Özüňize gaharlanmaň we gaýgylanmaň.
Bu ýere meni siz däl-de, Hudaý goýberdi.
Açlygyň ýaňy iki ýyly geçdi, ýene bäş ýyly bar.
Sizi aman saklap, ýerde goramak üçin meni sizden öň goýberdi.
Size howlukmak we kakama muny aýtmak gerek…
Hudaý meni bütin Müsüriň häkimi etdi.
Haýal etmän meniň ýanyma geliň, men siziň aladaňyzy ederin we Goşen topragynda ýerleşdirerin.
Size häzir haýal etmän gitmek we kakamyza aýtmagyňyz gerek, ýogsam, gijä galarsyňyz.
Ýusup doganlary bilen aglady.
Gelip çykyş 45:5-14


Çüş. Çüş.
Men kanagatlandym.
Sopnat-Pagnyýanyň yzyndan ýörüň.
Meniň gulagyma täsin taryh gelip degdi.
Bu zatlaryň hemmesi şeýle, patyşam. Bu faraona gulluk etmegim üçin bu ýere düşüşimiň taryhydyr. Meniň atalarym üçin Hudaýyň maksady şeýle.
Kakaňy we doganlaryň maşgalalaryny bu ýere alyp gel.
Olaryň aýallary we çagalary üçin at arabalary al – Müsüriň iň gowy ýeri siziňki bolar.
Bu on eşek syýahatyňyzdaky azygyňyz w her biriňiziň täze geýimleriňiz üçin.
Kiçi iniňiz üçin bäş laý geýim we üç ýüz kümüş teňňe.
Ýolda dawalaşmaň.
Gelip çykyş 45:16-24


Ýusup diri! Ýusup diri!
Hawa, bu şeýle!
Ýusup diri!
Ol bütin Müsüriň häkimi!
Diňe faraondan soň ikinji adam.
Bu asla mümkin däl…
Hawa, Ýusup diri – bu at arabalar onuň ýanyna bararymyz ýaly, seniň we hemmämiziň maşgalalarymyz üçin.
Meniň oglum Ýusup diri…
… men ölmänkäm ony görýärin.
Gelip çykyş 45:25-28


Biz bu ýerde Beýerşebada galarys.
Men bu ýerde kakam Yshagyň sežde edişi ýaly, Hudaýa sežde etjek.
Ýakup! Ýakup!
Ine, men, Rebbim!
Müsüre gitmekden gorkma, sebäbi Men ol ýerde seni beýik halka öwürjek.
Müsüre Men seniň bilen gidýärin, soň Men seni ýene bu ýere gaýtaryp getirerin.
Ýusubyň elleri seniň gözleriňi ýumdurar.
Ýakup Beýerşebadan ogullary we olaryň maşgalalary – jemi ýetmiş adam bolup çykdy.
Şeýdip, ol özüniň wagtlaýyn täze öýi bolan Müsüre ugrady.
Gelip çykyş 46:1-27


Ýusubyň ýanyna öňde gidiber. Goşene barmaga ugrukdyrma al.
Kakam
Men seniň ýüzüňi görmegi nähili isledim.
Ýusubam uzak wagtlap aglady.
Men sizi faraonyň ýanyna alyp barjak, ýöne siz oňa özüňiziň çopandygyňyzy aýdyň.
Şonda siz Goşen topragynda ýaşap bilersiňiz, sebäbi müsürliler çopanlary halamaýarlar.
Gelip çykyş 46:28-34



Meniň baş dolandyryjymyň doganlary näme kär edýärler?
Biz çopanlar.
Beýle bolsa, siz Goşen topragynda, bizden daşrakda, ýaşarsyňyz.
Sopnat-Pagnyýanyň kakasy, sen näçe ýaşyňda?
Men göçüp-gonup 130 ýyl ýaşadym.
Durmuşym gysga hem agyr boldy. Meniň ömrüm göçüp-gonup ýaşan ata-babalarymyňky bilen deň däl.
Soň Ýakup Müsür şasy faraona ak pata berdi.
Soň Ýakup onuň ýanyndan çykdy.
Ine, kaka, - bu ýeriň iň gowy bölegi.
Men seni we her bir maşgalany zerur bolan dürli azyklar bilen üpjün ederin.
Gelip çykyş 47:1-12


Açlyk güýçlendigiçe, Ýusup Müsürde, Kenganda bolan pullary däne satyp ýygnady.
Soň halk ýene onuň ýanyna geldi.
Bize däne gerek, bize galla ber. Sen biziň bar pulumyzy aldyň, bizi aç öldürmek saňa nämä gerek?
Men size gallany malyňyza çalşyp berjek.
Indiki ýyl…
Sen eýýäm biziň bar pulumyzy we mallarymyzy aldyň.
Indi biziň özümizi we ýerlerimizi azyga çalyş.
Ine, siziň ýerleriňiz üçin tohum. Şu wagtdan başlap, bäşden biri faraonyňky bolar, bäşden dördi bolsa siziňki bolar.
Sen biziň janymyzy halas etdiň.
Ýöne Goşende Ýakubyň maşgalasy ýalkandy we juda köpeldi.
Meniň wagtym golaýlaşdy.
Meni Müsürde jaýlamajakdygyňyza söz beriň. Meni atalarymyň ýanynda jaýlaň.
Aýdyşyň ýaly ederin, kaka.
Gelip çykyş 47:13-31


Seniň kakaň syrkaw, ölüm ýassygynda bolmagam mümkin.
Derrewjik ogullarymy taýýarla, biz olar bilen onuň ýanyna gidýäris.
Seniň ogluň Ýusup geldi.
Ony meniň ýanyma alyp geliň.
Gudratygüýçli Hudaý Luzda, Kengan ýurdunda maňa göründi.
Ol maňa meni köpeltjekdigini we şol gowy ýurdy bize ebedi eýeçiligimize bermegi wada etdi.
Bu kim?
Bular Hudaýyň maňa sowgat beren ogullary.
Olary meniň ýanyma alyp gel, ak pata bereýin.
Men seni ýene görerin diýip hiç haçan pikir etmändim. Indi bolsa, Hudaý maňa seniň ogullaryňy-da görmäge mümkinçilik berdi.
Gelip çykyş 48:1-11


Ine, kaka, maňa-da, ogullaryma-da ak pata ber.
Atalarym Ybraýym bilen Yshagyň tabyn bolan Hudaýy, goý, bu oglanlara ak pata bersin.
Goý, olar meniň adym bilen atlandyrylsynlar we ýerde köpelsinler.
Ýok, kaka, sag eliňi ulusynyň üstüne goý.
Oglum, men bilýärin.
Ondanam beýik halk çykar.
Ýöne inisi ondan beýigräk bolar we ondan köpräk halk gelip çykar.
Ysraýyl ak pata sözlerini aýdýar: "Goý, Hudaý seni Efraýym hem Manaşe ýaly ýalkasyn"
Saňa bolsa, amorlardan gylyjym hem ýaýym bilen basyp alan mülk ýerimi doganlaryň arasynda diňe saňa berýärin.
Gelip çykyş 48:12-22


Ruben, sen güýçlüsiň, ýöne indiden beýläk mertebäň belende galmaz seniň, çünki sen öz ataň düşegine geçip, ony harama çykardyň.
Şimgon bilen Lewi zorluk ýaragyny ulandylar, olaryň gaharyna nälet bolsun. Olar Ysraýylyň içine dargar.
Ýahuda, seniň eliň duşmanlaryň ýakasynda bolar, şalyk hasasy seniň eliňden düşmez.
Zebulun deňiz kenarynda mesgen tutar, gämiler üçin asman bolar.
Ysakar güýçli eşek ýaly, özüni ýüke hem agyr zähmete tabyn etdi.
Dan öz halkyny adalatly sud bilen üpjün eder.
Gat basybalyjylar tarapyndan gysylar, ýöne ol mynasyp gaýtawul berer.
Aşuryň çöregi tagamly – patyşalar üçin näz-nygmat bolar.
Naftaly ajaýyp şahaly ösgün ösümlikdir.
Ýusup – diwara çyrmaşýan hasyl getiriji şahadyr. Onuň ýaýy dogrudyr, sebäbi ol Ýakubyň Gudratygüýçli Hudaýynyň berk elindedir.
Benýamin – awuny ýuwudýan ýyrtyjy möjekdir.
Meni atam Ybraýymyň Epron hetden satyn alan gowagynda, öz ene-atamyň jaýlanan ýerinde jaýlaň.
Men Liýany-da şol ýerde jaýladym.
Gelip çykyş 49:1-32



Gelip çykyş 50:1-21


Ýusup bir ýüz on ýaşady we çowluklar gördi.


Ol öz doganlaryna şeýle diýdi…
Men ölsem-de, Hudaý size gözegçilik eder we kömek eder hem-de sizi Ybraýyma wada beren ýurduna alyp gider.
Ol şeýle edende… bu ýerden meniň süňklerimi alyp gidiň.


Ýusuby mumyýalap, Müsürde jaýladylar.
Gelip çykyş 50:22-26